***Türkmen dili — bu diňe bir gepleşýän dilimiz däl, eýsem, milliligimiziň, taryhymyzyň we milli gymmatlyklarymyzyň aýdyň beýanydyr. Bilim ulgamynyň ilkinji basgançagy bolan başlangyç synplarda türkmen dilini öwretmek aýratyn ähmiýete eýedir. Sebäbi çagalaryň diliniň düzümi, söz baýlygy, düşünjesi hem-de milli şahsyýet hökmünde kemala gelmegi hut şu döwürde başlanýar.***

Başlangyç synp mugallymy diňe bir dil sapagyny geçýän pedagog däl, ol çaganyň dünýäni tanamagynda ilkinji ýolbeletidir. Türkmen diliniň sözlük baýlygyny öwretmek, çagalaryň döredijilik ukybyny ösdürmek, olary kitap okamagyň lezzetine höweslendirmek mugallymyň möhüm wezipeleriniň biridir. Mysal üçin, okyjylyga bolan söýgini artdyrmak üçin halk döredijiliginden ertekiler, nakyllar, rowaýatlar giňden peýdalanylýar.

Bu gün biz – türkmen halky mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygyny buýsanç bilen belleýäris. Garaşsyzlyk bize öz milli dilimizi, milli däp-dessurlarymyzy gorap saklamakda, ösüp gelýän nesli ruhubelent terbiýelemekde giň mümkinçilikler berdi. Sapaklarymyzda Garaşsyzlygyň manysy, onuň ýaş nesil üçin ähmiýeti, Watana wepalylygyň mukaddes borçdygy düşündirilýär. Biz – mugallymlar Garaşsyzlygyň şanly ýyllarynda gazanylan üstünlikler barada gürrüň berip, çagalaryň milli buýsanjyny, watançylyk duýgusyny ösdürýäris.

Şu günki ýaş nesil — ertirki Garaşsyz Türkmenistanyň binýadydyr. Şonuň üçin türkmen dili sapagy arkaly çagalara diňe bir grammatika däl, eýsem, Watana, diline, däp-dessuryna söýgi terbiýesi hem berilýär. Bu bolsa döwletimiziň ösüşine, halkymyzyň agzybirligine hyzmat edýär.

**Güljahan JEPBAROWA,**
**Saýat etrabynyň 30-njy orta mekdebiniň başlangyç mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 05.12.2025